# Aýal sypatly «arwah» / mistiki hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika
написано kitapcy | 21 января, 2025
Aýal sypatly "arwah" / mistiki hekaýa AÝAL SYPATLY «ARWAH»




Bu gün işden gijiräk çykdym. "6-njy" diýilýän könerák žiguli maşynym bilen şäherden çykyp obamyza tarap ýola düşdüm. Daş-töwerek garaňkydy. Birdenem ýoluň gyrasynda elini serip ulag saklajak bolýan garryja aýala gözüm düşdi. Onuň eşikleri hapa,

sal-sal bolup durdy. Meniň garra ýüregim awady. Ony äkitmek üçin ulagy sakladym. Garry aýal maşynyň yzky gapysyny açdy-da, haýsydyr bir gonamçylygyň adyny aýdyp, şoňa äkitmegimi sorady. Garrynyň ýüzüne gözüm düşende ýüregim erbet sarsyp gitdi. Onuň gözleri ot bolup içiňden geçäýjek bolýardy. Ýüzi bolsa kinofilmlerdäki jadygöý kempirleri ýada salýardy. Ony maşyna mündürmedim."Ýok men başga tarapa barýan" diýdimde, ugramak bilen boldym. Azajyk ýöränimdenem ýaňky garry maşynyň gapdalyndan "sakla, sakla maşyny, sakla" diýip gygyryp ylgamaga başlady. Meň gorkym hasam güýçlenip maşynyň tizligini artdyryp başladym. Emma ol garry aýal hiç galarly däldi. Maşynyň tizlik görkezijisi 120-denem geçip barýardy. Ol bolsa henizem yzymdan galanok. Mundan sypmajygyma gözüm ýetdi. Onsaňam indi köneje maşynym mundan ýokary tizlige çykybam biljek däldi. Maşyny sakladymda, atylyp düşüp:

–Saňa menden näme gerek?! Näme üçin meň yzymdan galaňok?! Meni öz günüme goý, ýolym bilen gideýin!- diýip gygyryp başladym. Ýaňky garry aýal bolsa:

–Wah jan oglum köýnegim gapyňa ilişip galypdyr-a. Şony ýyrtdyrmajak bolup ylgaýdym-diýip, maşynyň yzky gapysyny açyp, gapyda gapjalyp galan köýneginiň etegini çekip aldy-da, ýanymdan gitmek bilen boldy.:-)

Şirhan ALLABERDIÝEW. Mistika we fantastika